Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

№1 (51) 2023-nji ýylyň 10-njy ýanwary

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

# FRUITFUL COOPERATION FOR THE BENEFIT OF PEOPLES

The People's Republic of China is currently one of the most important economic partners of our country. In this regard, Turkmenistan attaches particular importance to the development of strategic relations with China. Relations between our states have a long history. Throughout the history, a beneficial process of mutual penetration of cultures, traditions, worldviews took place between the two peoples. Once connecting our countries, the Great Silk Road was a bridge not only for mutually beneficial trade exchange, but also for broad civilizational communication.

Revived in a modern conditions, today it serves as a powerful impetus for the rapprochement of peoples and countries, contributes to the establishment of political, trade, economic, cultural and humanitarian ties, promotes mutual understanding and cooperation, and the emergence of solid foundations for relations between states and regions.

At present, Turkmen-Chinese relations are developing in a wide range of areas based on the principles of mutual respect, friendship and consideration of each other's interests. Strategic cooperation between the two friendly states has reached a qualitatively new level of development.

China is a major trading partner of our country. One of the key areas of cooperation is the oil and gas sector, where a number of major joint projects have already been implemented. Evidence of this is the commissioning of Turkmenistan-China gas pipeline. The implementation of this project was an example of a truly partnership based on

2



## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### Студент института международных отношений – «Лучший молодой ученый СНГ»

Студент нашего института Сердар Рахымов стал победителем проекта «Лучший молодой ученый СНГ — 2022».

Данное мероприятие организовано Международной ассоциацией молодых учёных при поддержке Объединения юридических лиц в форме ассоциации Общенационального движения «БОБЕК». Научная работа Сердара Рахымова «Роль превентивной дипломатии в обеспечении региональной безопасности, позитивный опыт Туркменистана в решении региональных и глобальных проблем» была высоко оценена членами жюри конкурса и удостоена дипломом II степени, а также нагрудной медалью «Лучший молодой ученный СНГ — 2022».



### Our students successfully participated in the competition "Digital Innovations"

The competition "Digital Innovations" among young people on mobile software was held in the IT arena. About 180 students took part in the competition organized by the Ministry of Education of Turkmenistan. Among them, Jahangir Polatbayev, Farhat Sharipov, Resul Gylyjov, Sheker Batyrova, the students of the Faculty of International Economic Relations of our Institute participated in it in a group and individually. According to the results of the competition, Sheker Batyrova, a student of the Faculty of International Economic Relations, was awarded with a letter of honor for her outstanding work.



### Учебное занятие

28 декабря 2022 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялось учебное занятие на тему «Опыт проведения превентивных мер в международном арбитражном споре». Мероприятие организовано Кафедрой международного права и сравнительного правоведения для магистрантов, специализирующихся в области международного частного права и международного публичного права.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

## ÝAŞLAR ÝYLYNA BAGYŞLANYP DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI

***2023-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli dabaraly maslahat geçirildi.***

Oňa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, ýurdumyzda hereket edýän daşary ýurtlaryň diplomatik gulluklarynyň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň wekilleri, şeýle-de türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň mugallymlary we bagtyýar talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Dabaraly maslahatyň başynda institutyň talyplarynyň ýerine ýetirmeginde «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» atly edebi-sazly kompozisiýa görkezildi.

Maslahatyň dowamynda çykyş edenler halkymyz tarapyndan öňe sürlen başlangyçlar esasynda ýurdumyzda 2023-nji ýyly «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky çözgüdi buýsanç bilen belläp geçdiler. Şeýle-de Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyz we dünýä ähmiýetli asylly tutumlarynyň bu günki günde Arkadagly Serdarymyz tarapyndan dowamat dowam tapýandygy barada aýratyn nygtalyp geçildi.

Dabaraly maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar türkmen ýaşlarynyň röwşen geljegi üçin ähli tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize alkyş sözlerini aýtdylar.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# FRUITFUL COOPERATION FOR THE BENEFIT OF PEOPLES

1

equality and friendship. Currently, it provides long-term supplies of Turkmen "blue fuel" to China.

In Turkmenistan, large Chinese companies are actively working in various fields together with domestic specialists. Chinese business is widely represented on the commodity exchange of our country, where it buys cotton, iodine, bromine, oil products and other Turkmen goods. Contacts are also developing in the areas of transport, logistics, communications and telecommunications, and digital technologies.

Our country intends to further expand trade and economic relations, cultural and humanitarian ties, in particular, in the area of science, education, culture, healthcare, sports and tou-



rism. The activity of the Intergovernmental Turkmen-Chinese Committee for Cooperation, aimed at determining priority areas of trade and economic relations and creating favorable conditions for closer partnership, contributes to the intensification of bilateral cooperation.

Turkmenistan successfully cooperates with the PRC not only on a bilateral, but also on a multilateral basis - both through major international organizations and authoritative regional structures, and in the "Central Asia-China" format, with the peoples of which the Turkmen people are united by centuries-old ties of friendship and the historical commonality of cultural and spiritual traditions.

Comprehensive strengthening of political, diplomatic, trade, economic, cultural and humanitarian ties with these partner countries is an important vector of the foreign policy strategy of sovereign Turkmenistan, under the wise leadership of our highly respected President.

As is known, our deeply respected President paid a state visit to the People's Republic of China. During the high-level Turkmen-Chinese talks, the current situation and prospects of the development of Turkmen-Chinese cooperation were discussed, taking into account the priority directions of social and economic development of the two countries. Mutual respect and equality are the main principles of those relations. The importance of active relations at different levels, including within the framework of the United Nations, other international organizations and regional structures, was also emphasized.

Thus, this high-level talks were an important step towards the development of strategic cooperation based on equality and mutual respect. This is clearly evidenced by the signing of a number of bilateral documents aimed at strengthening Turkmen-Chinese relations in all priority areas.

***Gapbar HALLYYEV,***
***Lecturer of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

# HALKARA GATNAŞYKLARYŇ TÄZE FILOSOFIÝASY

***1995-nji ýyly 12-nji dekabry halkymyz üçin diňe bir ähmiýetli sene bolman, eýsem, ol, hakykatdan-da, ykbal çözüji pursada we Garaşsyz Türkmenistanyň täze taryhynyň okgunly ösüşiniň ýol görkezijisine öwrüldi.***

Şeýlelikde, ýurdumyz BMG tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet boldy. Häzirki döwürde hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan ýörelgeleriň baş maksady, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmakdan, ähli gyzyklanma bildirýän ýurtlar we hyzmatdaşlar bilen hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmekden, dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Bu ýörelge Garaşsyz Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň özenini düzýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasaty dünýä ýüzünde giň goldawa eýe bolýar. Ýeri gelende bellesek, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmegi, şol sanda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy», «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny», şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnamalaryň kabul edilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Ýurdumyzyň halkara gatnaşyklary ulgamynda ynanyşmak, birek-birege hormat goýmak diplomatiýasyny işjeňleşdirmek boýunça öňe sürýän teklipleri köptaraply gatnaşyklary parahatçylykly we diplomatik ýol bilen ösdürmek boýunça umumy tagallalara goşýan ägirt uly goşandydyr.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2022-nji ýylyň 6-njy dekabrynda geçirilen 77-nji sessiýasynyň 45-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» atly ýene bir Kararnama kabul edildi. Bu çözgüde gurama agza ýurtlaryň 68-si awtordaş bolup çykyş etdi. «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyç dünýä halklarynyň parahatçylyk we birek-birege ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan däp-dessurlaryny berkitmekde, milli gymmatlyklary we oňyn garaýyşlary ösdürmekde halkara bileleşigiň tagallalarynyň utgaşdyrylmagyna gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, bu başlangyç 2021-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Parahatçylyk we

> **Natalýa GERMAN:**
> **– Şeýle gysga döwürde Türkmenistanyň Bitaraplyk we parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat strategiýasy netijesinde belent sepgitlere ýetildi.**



we ösüşiň binýady» atly halkara maslahatda öňe sürüldi hem-de oňa gatnaşyjylar tarapyndan biragyzdan goldanyldy. Bu maslahatyň jemleýji resminamasy BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy mejlisiniň resminamasy hökmünde ýaýradyldy. Kararnamada ählumumy wehimleriň peseldilmegi, gapma-garşylyklaryň öňüniň alynmagy we parahatçylyga maýa goýumlaryň gönükdirilmegi, şeýle hem sebitleýin derejedäki öňüni alyş çärelerine goldaw berilmegi meseleleri barada beýan edilýär.

Umuman alanyňda, 2022-nji ýylyň 11-nji dekabrynda paýtagtymyzda geçirilen «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly halkara maslahatda BMG-niň Baş sekretarynyň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Natalýa Germanyň belleýşi ýaly, şeýle gysga döwürde Türkmenistanyň Bitaraplyk we parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat strategiýasy netijesinde belent sepgitlere ýetildi. Bu bolsa döwletiň parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny alyp barmaga, durnukly ösüşi, howpsuzlygy we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýokary mümkinçilikleri berýär.

Goý, şeýle ösüşleriň we özgerişleriň dowamaty dowam bolsun! Ýer ýüzünde parahatçylygy we durnukly ösüşi dabaralandyrmakda netijeli işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň tutýan tutumlary elmydama rowaçlyklara beslensin!

***Aknur ALLABERDIÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.***

*Встреча с другом в дальнем краю подобна долгожданному дождю.*
*Китайская пословица*

*BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň baş edarasy Aşgabatda 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda açyldy.*

HYTAÝYŇ görnükli döwlet işgäri, diplomat Çžou Enlaý 1898-nji ýylyň 5-nji martynda Szýansu welaýatynyň Huaýan şäherinde garyp maşgalada dünýä inýär. Ol 1913-nji ýylda Týanziniň Nankaý mekdebinde orta bilim alýar. Geljekki diplomat internatda ýaşaýar we administrasiýanyň tehniki işler bilen bagly buýran ýumuşlaryny bitirip, öz gününi özi dolaýar. 1919-njy ýylyň güýzünde Çžou Enlaý Nankaý uniwersitetine okuwa girýär. Ol okuwa başlan badyna uniwersitetiň gündelik gazetiniň işjeň awtory diýip tanalýar, tiz wagtdan oňa redaktor bolýar. Bir ýyl geçip-geçmänkä bolsa, marksizm ýoluny öwrenmek we wagyz etmek üçin talyplaryň toparyna goşulyp, Fransiýa ugraýar.

Çžou Enlaý 1924-nji ýylda Hytaý Kommunistik Partiýasynyň ýolbaşçylarynyň görkezmesi bilen Watanyna dolanyp gelýär hem-de partiýanyň Guandun-Guansuý komitetiniň sekretary we harby bölüminiň başlygy wezipesinde işläp başlaýar. 1936-njy ýylyň 12-nji dekabrynda Çan Kaýşi özüniň harby egindeşleri tarapyndan Sianda tussag edilýär, emma onuň Hytaýyň Ýaponiýa boýun egmezligi ugrunda HKP bilen bir hörpde gopýany hem-de birleşen hytaý frontyna ýolbaşçylyk edip biljek syýasy şahs bolanlygy üçin HKP Çžou Enlaýy bu ýagdaýdan diplomatik ýol bilen baş akyp çykmagy üçin Siana ugradylýar. Çžou Enlaý näçe kyn hem bolsa bu missiýanyň hötdesinden gelýär. Çan Kaýşi onuň bilen söhbetdeş bolanda, ähli güýçleri jebisleşdirip, ýurdy daşky duşmanlardan goramak we raýatara uruşuň soňuna çykmak üçin elinden gelenini gaýgyrmajakdygyny aýdýar. Bu meseläniň oňyn çözgüdi HKP-niň hem-de Gomindan partiýalaryň bilelikdäki antiýapon frontynyň düýbüni tutdy. Emma milli azat-edijilik göreşi ýeňiş gazanýança birnäçe ýyl gerek boldy.




Çžou Enlaý 1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda yglan edilen HHR halk hökümetiniň ilkinji mejlisinde Döwlet Dolandyryş Geňeşiniň premýer-ministri, HHR-iň daşary işler ministri wezipesine bellenýär. Onuň bu wezipesinde guramaçylyk we diplomatik ukyby aç-açan ýüze çykýar.

1950-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Çžou Enlaý Mao Szedun bilen Moskwa gelip, sowet-hytaý gepleşiklerine gatnaşýar. 14-nji fewralda HHR-iň adyndan Çžou Enlaý Sowet Soýuzy bilen dostluk, ýaranlyk we özara kömek şertnamasyna gol çekýär. Şertnama laýyklykda, Hytaý SSSR-den zerur ykdysady, ylmy-tehniki we harby kömek alýar, şeýle-de daşary ýurt çozuşy bolan halatynda Sowet ýaragly güýçleriniň ygtybarly goragy kepillendirilýär.

Çžou Enlaýyň 1949-njy ýyldan soň alyp baran ähli diplomatik işleri HHR-iň milli ykdysady gurluşygynyň, medeniýetiniň, ylym-biliminiň ösüşine saldamly goşandyny goşdy. Çžou Enlaýyň tagallalary bilen Hytaýyň diplomatiýasy halkara gatnaşyklaryndaky dartgynlylygy gowşatdy. 1954-nji ýylyň 26-njy aprelinde Ženewada bäş sany döwletiň daşary işler ministrleriniň ýygnagynda koreý meselesi we Hindihytaý meselesi ara alnyp maslahatlaşylanda hytaý diplomatynyň başarnygy görnetin ýüze çykdy. Bu konferensiýada Hytaý Halk Respublikasy we Sowet Soýuzy Wýetnam Demokratik Respublikasynyň garaşsyzlygynyň ykrar edilmegini, şeýle hem Kamboja we Laosyň tekliplerini güýçli goldap çykyş etdi. Ženewada baglaşylan şol şertnamalar WDP-niň ýaş sosialistik döwlet hökmünde dünýädäki ornuny berkitdi we Hindihytaý içerki syýasatyna fransuzlaryň gatyşmagynyň soňuna çykdy.

Şol döwür ABŞ Hytaý Halk Respublikasyny ykrar etmeýärdi. Hatda bir gezek J.F.Dallesiň degişmä salyp, Hytaýyň wekiliýetiniň başlygy bilen awtoulaglarynyň Ženewa köçeleriniň birinde pete-pet gabatlaşsa-da, gepleşmek niýetiniň ýokdugyny aýtmagy, Çžou Enlaýa daşary işler ministri hökmünde öz diplomatik karýerasyna başlamagyň nähili kyn düşendigini subutnamasydyr.

1954-nji ýylda Çžou Enlaý we Hindistanyň premýer-ministri Jawaharlal Neru bilen 1955-nji ýylyň aprelinde geçirilen Bandung konferensiýasynda Aziýa we Afrika ýurtlarynyň 29-synyň ýolbaşçylary tarapyndan ykrar edilen we goldanýan parahat ýaşaýşyň bäş ýörelgesini («pança şila») işläp düzdüler. Çžou Enlaýyň we Jawaharlal Neruyň diplomatik ussatlygy netijesinde kabul edilen kararlar kolonializme garşy göreş ruhuna eýe bolup, Aziýa we Afrika ýurtlaryny hemmetaraplaýyn deňhukukly ykdysady we medeni hyzmatdaşlyga çagyrýardy.

**(Dowamy bar).**

***«100 великих дипломатов» kitabyndan terjime eden:***

***Ajaýyp NOBATOWA,***
***Halkara žurnalistikasy***
***fakultetiniň II ýyl talyby.***



*Обозрение*



# ТУРКМЕНИСТАН В МЕЖДУНАРОДНОМ МЕДИАПРОСТРАНСТВЕ

В первой декаде января наступившего 2023 года события и новости политической, экономической, социальной сфер нашей Отчизны нашли своё достойное отражение в мировом информационном пространстве.

Одним из ярких событий данного периода на политической арене стал визит Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в КНР. Новости, касающиеся этого мероприятия, были освещены авторитетными международными СМИ. К слову, популярное информагентство **Trend** прокомментировало это событие на своей официальной странице:

*«Туркменистан и Китай подписали солидный пакет двусторонних документов, направленных на углубление взаимовыгодного сотрудничества. Сообщается, что документы были подписаны Председателем КНР Си Цзиньпином и Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым в ходе его официального визита в Пекин.*

*На встрече, состоявшейся в рамках двухдневного государственного визита Президента Туркменистана в Китай, были обсуждены вопросы дальнейшего развития стратегических связей между двумя странами. В частности, стороны обсудили вопросы о углубления сотрудничества в торгово-экономической, топливно-энергетической, транспортно-коммуникационной и культурно-гуманитарной сферах, а также укрепление парламентских связей».*

Расширение многостороннего сотрудничества Туркменистана с КНР также является объектом пристального внимания иностранных СМИ. К слову, сообщение о встрече главы Туркменистана с Председателем КНР нашло свое место на официальной странице авторитетного новостного портала **ТАСС**:

*«Председатель КНР Си Цзиньпин и Президент Туркмении Сердар Бердымухамедов в пятницу объявили о повышении уровня отношений между двумя странами до всеобъемлющего стратегического партнерства.*

*Бердымухамедов заявил, что КНР и Туркмения имеют предпосылки для совместной транспортной стратегии. Президент Туркмении также считает, что создание евро-азиатской транспортно-транзитной линии Восток - Запад при участии его страны, Китая, всех заинтересованных государств и международных организаций - «это объективная потребность экономики континента, важнейший элемент его стабильного и долгосрочного развития, сохранения устойчивого баланса интересов не только в экономическом, но и в политическом плане».*

Информация об активном сотрудничестве нашей страны с Китаем в области технологий также нашло свое достойное отражение на просторах зарубежных СМИ. В частности, статья о продвижении международного проекта «Мастерская Лу Баня» была размещена на странице информагентства **Centralasia.news**:

*«Новую меру содействия профессиональному техническому образованию под брендом «Мастерская имени Лу Баня» будут продвигать в Туркменистане. Об этом сказано 6 января в совместном заявлении, подписанном Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым и председателем Китая Си Цзиньпином по итогам переговоров в Пекине.*

*«Мастерская Лу Баня (Luban Workshop)» — это международный проект сотрудничества в области профессионального образования, созданный и реализуемый муниципальной комиссией по образованию китайского города Тяньцзинь с 2016 года. В рамках сотрудничества с зарубежными высшими учебными заведениями создаются «Специализированные учебно-подготовительные центры Мастерской Лу Баня», где осуществляется подготовка специалистов с высшим образованием и обеспечивается формирование у них необходимых профессиональных навыков».*

Новость о встрече уважаемого Президента с председателем Госсовета КНР стала объектом пристального внимания зарубежных информагентств. К примеру, новостной портал **SNG Today** разместило на своей официальной странице комментарий:

*«Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов 6 января в рамках государственного визита в Китай провел встречу с премьером Государственного совета КНР Ли Кэцяном. Главной темой обсуждения стало дальнейшее расширение двустороннего сотрудничества.*

*Особое внимание собеседники уделили эффективности взаимодействия в торгово-экономической, транспортно-коммуникационной и энергетической сферах, подчеркнув значимую роль межправительственного комитета по сотрудничеству и обсудив вопрос о проведении его очередного заседания».*

Освещение таких важных событий и новостей, происходящих в нашей стране, является еще одним ярким свидетельством высокого уровня заинтересованности авторитетных международных агентств общественно-политической жизнью нашего государства.

**Подготовили: Сельбинияз ГОЧМЫРАДОВА, Дженнет МЫРАДОВА, студенты факультета международной журналистики.**

*Не бойся медлить, бойся остановиться.*

*Китайская пословица*

*На месторождении «Галкыныш» ввели в эксплуатацию новую скважину*



### Magtymguly Pyragynyň goşgulary

ň

土库曼的

从哈扎尔海的波光到摘洪河的微澜，
土库曼之风吹拂在广袤的空间。
在广阔的田野里花朵鲜艳，
源自黑山的溪流潺潺。

清爽的浓荫弥漫在土库曼果园，
吃草的骆驼在草地上自在悠然。
翠绿的草原百花绚烂，
土库曼的原野开满热依罕。

美如天仙的姑娘们穿着五彩的盛装，
她们翩翩而过甩下安拜尔的幽香。
伯克、土热和长老掌管着城乡，
这块土地为土库曼儿女骄傲无限。

英雄的儿子继承父辈的勇敢，
国尔吾古力是他的兄弟血脉相连。
猎手们无论在高山还是平原，
休想猎到猛虎 — 青年土库曼。

万众一颗心，心与心相连，
凝聚的力量将顽石化成熔岩。
汇入一个大家庭共用一席餐，
土库曼的前程无比灿烂。

骑着骏马风驰电掣多豪爽，
两侧的山崖倒飞如箭，似红宝石般反光。
江河里流淌着香甜的蜜浆，
土库曼力量如洪水不可抵挡。

土库曼的鲜花从不被践踏，
凋谢的花瓣珍贵无价。
不会失去夜莺而把头低下，
她们永远将安拜尔的清香散发。

各部落本是兄弟情重义深，
真主的光辉照耀美好的前程。
勇敢的男儿们策马上阵，
挥舞大力杀敌勇猛。

笑傲人间，心中无比乐观，
眼不斜视，心不变，永往直前。
任何障碍都被踏碎无法阻拦，
马赫图姆库里是土库曼的喉舌，永元，永

z

讴赞先到

如果福气即将到来，
讴赞争先恐后地起来。
如果灾难即将到来，
手拉尘土飞扬地起来。

如果懦夫自称为勇敢，
疆场会让他陷入难堪。
如果爱情之火被点燃，
大火首先向灼热的心扑来。

有其父必有其子，
狗崽与猪崽怎能相似？
你在荒野倔强百尺，
最终汩汩涌出水来。

狼若远离狼窝，
会被猎人捕获。
菲拉格，如果谁的名字被传说，
他写的诗篇先传来。

## Diňe žurnalistika hakda



*Žurnalistika hiç haçan dymyp bilmez. Bu onuň iň uly aýratynlygy we iň uly ýalňyşlygy.*

**Genri Granwald**

* * *

*Men gazetleri höwes bilen okaýaryn. Olar meniň üçin çeper edebiýatyň bir görnüşi.*

**Artur Kristofor Benson**

* * *

*Žurnalistika elmydama wakany jikme-jikligi bilen gürrüň berýär.*

**Jeýms Makbreid**

* * *

*Žurnal – adamlary mahabat okamaga höweslendirýän enjam.*

**Jeýms Kollins**

* * *

*Gazet – dünýäniň aýnasy.*

**Jeýms Ellis**

* * *

*Biz – täze gazet okyjysy. Biz gazetsiz durmuşy göz öňüne getirip bilemzok.*

**Paul Lepage**

* * *

*Žurnalistika – taryhyň ilkinji taslamasy.*

**Filip L.Graham**

* * *

*Orta mekdepde okaýan uçurlarym gazet redaktorydym. Men bu käri durmuşymda ýeten iň beýik derejäm hasaplaýaryn.*

**Ed Asner**

* * *

*Men çaga wagtym gazet bilen bile ulaldym.*

**Bill Jeýms**

* * *

*Çap edilen gazet – täzelikler, pikirler, mahabat üçin iň güýçli hem-de täsirli sergi.*

**Jill Abramson**

* * *

*Hiç bir zat gowy žurnalistikanyň ornuny tutup bilmez.*

**Aleks Ohanlan**

* * *

*Men dünýäniň jümmüşine has içgin aralaşmak üçin, žurnalistika kärini saýladym.*

**Genri Lus**

* * *

*Žurnalistika – geljege bolan ynam.*

**Ann Karry**

* * *

*Žurnalistika başdan geçirmeleri medeniýet bilen birleşdirýär.*

**Oriana Fallaji**

* * *

*Düşünip bolýan islendik sungat eseri žurnalistikanyň önümidir.*

**Tristan Zara**

* * *

*Men gazetleri halaýaryn. iPad juda zamanabap enjam, ol ähli zady eliň aýasynda ýaly edip biler, men muňa garşy däl, ýöne men fiziki gatnaşygy halaýaryn. Metalyň we aýnanyň fiziki gatnaşygy kagyz ýaly duýgur bolanok.*

**Karl Lagerfeld**

***Iňlis dilinden terjime eden:***
***Jahantäç ÖWEZOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***



## HALKARA GATNAŞYKLARYNDAKY DIPLOMATIKI ADALGALAR

***Dewalwasiýa*** — döwletiň öz pul birliginiň altyn mukdaryny resmi ýagdaýda azaltmagy ýa-da beýleki döwletleriň walýutasyna garanyňda, onuň kursuny peseltmegi.

* * *

***Pasifizm*** — latyn dilinden terjime edilende «parahatçylyk dörediji» diýmegi aňladýar. XIX asyryň ahyrynda käbir ýurtlarda dörän, soňra halkara derejesine ösüp geçen urşa garşy jemgyýetçilik hereketi.

* * *

***Sindikat*** — harytlary bileleşip satmak üçin döredilen birleşmeler.

* * *

***Urbanizasiýa*** — şäherleriň aşa ulalmagy netijesinde, olaryň obany yza galdyryp, ykdysady agalyga eýe bolmagy we ösüş merkezlerine öwrülmegi.

* * *

***Rasional*** — latynçadan terjime edilende «paýhasly», «maksadalaýyk», «esaslandyrylan» diýmegi aňladýar.

* * *

***Manufaktura*** — «el» we «önüm» diýen iki sany latyn sözüniň birleşmeginden emele gelip, el zähmeti bilen ýöredilýän kärhana aýdylýar.

***Gurbanmyrat AŞYROW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

*Дорога, по которой ходили тысячу лет, превращается в реку.*
**Китайская пословица**

*Не бойся, что не знаешь – бойся, что не учишься.*
**Китайская пословица**

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
Taňryberdi MYRATLYÝEW

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow
Jogapkär kätip: B.Garaýew
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow
Kätip: A.Nobatowa
Bölüm müdiri: A.Ýazweliýew
Edebi işgärler: J.Öwezowa, A.Atajykowa
Fotohabarçylar: M.Narmedow, B.Ýazmyradow
Korrektorlar: G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, A.Omarowa, M.Orazowa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa, A.Nazarowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.

Email:
yashdiplomathgi@gmail.com